# Ýehudy, hristanlar, kapyrlar jennete girýärmi?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sahypaň okyjysy: Esselämu aleýkum.

Meni şeýleräk sorag gyzyklandyrdy. Ýalňyşmasam Isa (aleýhis salam) pygamberem Allah tarapyn iberlen bolmaly. Onuňam dini hristiýan dini, hristiýan dinine ynanýan adam jennete düşüp bilermi? Düşüp bilmeýän bolsada näme üçin?

Jogap: Waleýkum esseläm we rahmetullahi we berekatuh.

Bu sorag örän möhüm sorag. Çünki bu soragyň jogabynyň mazmuny musulmanyň akydasy, ynanjy we diniň esasy bilen berk baglanyşyklydyr.

Bu soragyň içine olaryň eýerýän dini hakmy? Allah Tagalanyň Isa we Musa Pygamberlere iberen dini bilen şu wagtky ýehudy, hristianlaryň eýerýän dini, şol bir dinmi ýa-da üýtgänmi? Bir Allahyň ýaradyjylygyna iman etmek, ynanmak jennete girmek üçin ýeterlikmi? Diýen soraglary öz içine alýar.

Bu soragy soraýanlaryň köp bölegi, soňky soraglaryň jogabyny bilmeýändikleri üçin Ýehudy, Hristian ýa-da musulman bolmaýan başga ynsanlaryň jennete girip-girmejegini soraýarlar.

**Ähli Pygamberleriň dini Yslam we olaryň ähli̇si musulmandy:**

Birinji bilen bellemeli zat: iň soňky Pygambere çenli, ýagny biziň Pygamberimiz Muhammet sallallahu aleýhi we selleme çenli gelen ähli Pygamberleriň dini Yslamdyr we ähli Pygamberleriň ynsanlara ilkinji çakylygy Töwhitdir. Töwhit bolsa Lä ilähe illallah sözüdir.

Şu wagta çenli gelen ähli Pygamberleriň dini Yslamdy. Pygamberleriň hemmesi we olara eýerenler hem musulmandy. Adam ata musulmandy. Nuh Pygamber we Oňa iman edenler musulmandy. Isa we Oňa eýerenler musulmandy. Musa we Onuň ymmaty musulmandy.

Indi bolsa, bu aýdanlarymyzy Kuran-Kerimden ýeke-ýeke delillerine seredeliň.

Nuh (aleýhis salam) öz kowmuna şeýle diýýär:

فَإِن تَوَلَّيْتُمْ فَمَا سَأَلْتُكُم مِّنْ أَجْرٍ إِنْ أَجْرِيَ إِلاَّ عَلَى اللهِ وَأُمِرْتُ أَنْ أَكُونَ مِنَ الْمُسْلِمِينَ

**"....we Maňa musulmanlardan bolmak buýruldy."** [1]

Ybraýym we Ysmaýyl (aleýhimussalam) hem şeýle diýýärler:

رَبَّنَا وَاجْعَلْنَا مُسْلِمَيْنِ لَكَ وَمِن ذُرِّيَّتِنَا أُمَّةً مُّسْلِمَةً لَّكَ

**"Robbumuz: Bizi özüňe (boýun bolan) musulmanlardan et we neslimizden hem saňa boýun bolan musulman ymmat bar eýle."** [2]

وَوَصَّى بِهَا إِبْرَاهِيمُ بَنِيهِ وَيَعْقُوبُ يَا بَنِيَّ إِنَّ اللهَ اصْطَفَى لَكُمُ الدِّينَ فَلاَ تَمُوتُنَّ إَلاَّ وَأَنتُم مُّسْلِمُونَ

**"Ybraýym we Ýakup ogullaryna wesýet edip şeýle diýdiler: Eý ogullarym Allah siz üçin dini saýlady. Musulman bolman öleýmäň!"** [3]

Ýakub (aleýhis salam) ogullaryna şeýle wesýet etdi:

أَمْ كُنتُمْ شُهَدَاء إِذْ حَضَرَ يَعْقُوبَ الْمَوْتُ إِذْ قَالَ لِبَنِيهِ مَا تَعْبُدُونَ مِن بَعْدِي قَالُواْ نَعْبُدُ إِلَهَكَ وَإِلَهَ آبَائِكَ إِبْرَاهِيمَ وَإِسْمَاعِيلَ وَإِسْحَقَ إِلَهًا وَاحِدًا وَنَحْنُ لَهُ مُسْلِمُونَ

**"Siz Ýakuba ölüm gelende bardyňyzmy? (Haçanda Ýakuba) ölüm gelip ýetende, ol ogullaryna: Men dünýäden gaýdanymdan soňra, siz kime yabadat edersiňiz? Diýip sorady. Ogullary: Biz seniň we seniň atalaryň Ybraýymyň, Ysmaýylyň, Ishakyň ilähi bolan, ýeke-täk ilähe (ýagny Allaha) ybadat ederis diýdiler. We biz diňe Oňa boýun bolanlar, musulmanlardyrys diýdiler."** [4]

Musa (aleýhis salam) öz kowmuna şeýle diýýär:

وَقَالَ مُوسَى يَا قَوْمِ إِن كُنتُمْ آمَنتُم بِاللهِ فَعَلَيْهِ تَوَكَّلُواْ إِن كُنتُم مُّسْلِمِينَ

**"Eý halkym: Eger siz Allaha iman edip musulman bolan bolsaňyz, diňe Allaha tewekkel ediň, diňe Oňa bil**

**baglaň.”** [5]

Isa Pygamber (aleýhis salam) ýoldaşlaryna şeýle diýýär:

فَلَمَّا أَحَسَّ عِيسَى مِنْهُمُ الْكُفْرَ قَالَ مَنْ أَنصَارِي إِلَى اللّهِ قَالَ الْحَوَارِيُّونَ نَحْنُ أَنصَارُ اللّهِ آمَنَّا بِاللّهِ وَاشْهَدْ بِأَنَّا مُسْلِمُونَ

**“Haçanda Isa olardaky (ýagny kowmynyň içindäki) küfri aňanda, olara ýüzlenip şeýle diýdi: Allah ýolunda, Maňa kömekçi boljak kimlerdir? Hawariler (Isaga iman edenler): Biz Allahyň (ýolunyň) kömekçileri, Allaha iman etdik. Şaýat bol: Biz musulman bolduk diýdiler.”** [6]

Şu aýatlardan görüşimiz ýaly ähli Pygamberler we olaryň ymmaty musulmandy we olaryň dini Yslamdy. Ýerdäkileriň we gökdäkileriň dini Yslamdyr we Yslam ýeke-täk hak dindir. Allahyň gatynda Hristianlyk, Ýehudylyk diýip din ýokdur. Bu atlar Isa we Musa Pygambere uýýarys diýenleriň hakyky dini üýtgedip we hakyky diniň üstüne bir zatlar goşup, birzatlary çykaryp soňradan oýlap tapan batyl dinleridir.

Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär:

إِنَّ الدِّينَ عِندَ اللّهِ الإِسْلاَمُ

**“Allahyň gatynda ýeke-täk (hak) din, Yslamdyr.”** [7]

وَمَن يَبْتَغِ غَيْرَ الإِسْلاَمِ دِينًا فَلَن يُقْبَلَ مِنْهُ وَهُوَ فِي الآخِرَةِ مِنَ الْخَاسِرِينَ

**“Kimde-kim Yslamdan başga dine eýerse, ondan ol (din) asla kabul edilmez we ahyrýetde ol kişi zyýana galanlardan bolar.”** [8]

**Ähli Pygamberleriň ynsanlary çagyran zady dagwaty bir zatdy ol hem: Töwhitdir.**

Biz ýenede ähli Pygamberleriň dagwaty ýagny ynsanlary çagyran zatlary töwhit ýagny Lä ilähe illallah sözi diýdik. O bolsa Bir Allahdan başga hak iläh ýagny Allahdan başga ybadat edilmäge laýyk başga hiç bir iläh ýok diýmekdir.

Allah Tagala ähli Pygamberleri Töwhide dagwat etmek üçin ugratdy we ähli Pygamberler ynsanlara Lä ilähe illallaha gelin ýagny: Ýeke-täk Allaha ybadat ediň, Oňa hiç bir zady şärik goşmaň, Allahdan başga zatlara çokunyp, sygynyp, ybadat etmäň diňe Allaha ybadat ediň diýip wagyz etdiler.

Bu barada Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle habar berýär:

وَلَقَدْ بَعَثْنَا فِي كُلِّ أُمَّةٍ رَّسُولاً أَنِ اعْبُدُواْ اللّهَ وَاجْتَنِبُواْ الطَّاغُوتَ

**“Biz her bir ymmata (halka), Allaha ybadat ediň we tagutdan gaçyň diýen buýruk bilen Pygamber ugratdyk.”**[9]

Tagut: Ynsanlaryň mahlukatyň (ýaradylan zatlaryň) içinde ilähleşdiren zatlarydyr.

Egerde Allaha garşy edilmeli ýekeje zady ol mahlukata garşy etseň, ol zady ilähleşdirdigiň bolýar. Mysal üçin Ölüp giden weliler bizi görüp, gollap dur diýsek, ol welini ilähleşdirdigimiz bolýar. Çünki bendelerini hemme ýerde görüp duran we gorap duran diňe Allah Tagaladyr.

Ähli Pygamberleriň ilkinji wezipesi ynsanlary şol ilähleşdirilen ynsanlardan, haýwanlardan, butlardan, agaçdyr-daşlardan uzaklaşdyrmakdy we bir Allaha ybadat etmegi öwretmekdi.

Allah Tagala Kuran-Kerimde Şuaýb (aleýhis salam) barada şeýle diýýär:

وَإِلَى مَدْيَنَ أَخَاهُمْ شُعَيْبًا قَالَ يَا قَوْمِ اعْبُدُواْ اللّهَ مَا لَكُم مِّنْ إِلَهٍ غَيْرُهُ

**“Medýen halkyna doganlary Şuaýby ugratdyk. Ol olara şeýle diýdi: Eý halkym diňe Allaha ybadat ediň, siziň ondan başga ilähyňyz ýokdur.”** [10]

Bu aýdylanlardan soňra soragy soran kişi üçin şu aýdyň bolandyr:

Zamanamyzdaky özüne Hristian we Ýehudy diýýänler aslynda hak din bolan we öz Pygamberlerinden galan Yslam dinini üýtgedip dogry ýoldan azandyrlar we dinlerine käbir zatlar goşmak we käbir zatlary çykarmak arkaly hak dini üýtgedendirler. Ellerindäki aslynda Allahyň kitaby bolan Injili we Töwrady üýtgedýärler ýagny Allahyň sözlerini üýtgedýärler we Ol kitapdan Allahyň sözlerini çykaryp ýa-da üýtgedip Allahyň diýmedik sözüni diýdi we diýen zadyna

diýmedi diýýärler we Allaha, Pygambere töhmet atýarlar.

Hristianlar hak dinden azaşandyklary üçin Isa (aleýhis salam) pygambere Allahyň ogly diýýärler. Isany Allah bilen öz aralarynda araçy goýup, Ol bizi Allaha ýakynlaşdyrýar diýip, Isa Pygambere ybadat edýärler. Aslynda bolsa Isa (aleýhis salam) olara maňa ybadat ediň, meni Allaha şärik goşuň diýmedi, megerem ýeke-täk Allaha ybadat ediň diýdi.

Bu barada Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär:

وَإِذْ قَالَ اللهُ يَا عِيسَى ابْنَ مَرْيَمَ أَأَنتَ قُلتَ لِلنَّاسِ اتَّخِذُونِي وَأُمِّيَ إِلَهَيْنِ مِن دُونِ اللهِ قَالَ سُبْحَانَكَ مَا يَكُونُ لِي أَنْ أَقُولَ مَا لَيْسَ لِي بِحَقٍّ إِن كُنتُ قُلْتُهُ فَقَدْ عَلِمْتَهُ تَعْلَمُ مَا فِي نَفْسِي وَلاَ أَعْلَمُ مَا فِي نَفْسِكَ إِنَّكَ أَنتَ عَلاَّمُ الْغُيُوبِ

“**Allah Tagala, Isa Pygambere şeýle diýdi: Eý Merýem ogly Isa! Sen ynsanlara Meni we enemi Allahdan başga iki iläh ediniň diýdiňmi?”. Isa aýtdy: Robbum seni päkleýärin. Hakym bolmaýan zady meniň aýtmagym bolýan däldir. Eger beýle zat diýen bolsadym, sen ony bilerdiň. Sen meniň nefsimi bilýärsiň, Men sendäkileri bilmeýärin. Sen gaýyplary bilujysyň.”** [11]

Aýatyň soňunda Isa (aleýhis salam) şeýle diýýär:

مَا قُلْتُ لَهُمْ إِلاَّ مَا أَمَرْتَنِي بِهِ أَنِ اعْبُدُواْ اللهَ رَبِّي وَرَبَّكُمْ وَكُنتُ عَلَيْهِمْ شَهِيدًا

“**Men olara diňe Maňa buýran zadyňy ýagny: Meniň we siziň Robbuňyz bolan Allaha ybadat ediň diýdim.”** [12]

Allah Tagala özüne çaga ýöňkän Ýehudy we Hristianlar barada şeýle diýýär:

وَقَالَتِ الْيَهُودُ عُزَيْرٌ ابْنُ اللهِ وَقَالَتْ النَّصَارَى الْمَسِيحُ ابْنُ اللهِ ذَلِكَ قَوْلُهُم بِأَفْوَاهِهِمْ يُضَاهِؤُونَ قَوْلَ الَّذِينَ كَفَرُواْ مِن قَبْلُ قَاتَلَهُمُ اللهُ أَنَّى يُؤْفَكُونَ

“**Ýehudylar: Uzeýr Allahyň ogly diýdiler. Hristianlar Isa Allahyň ogly diýdiler. Olaryň agyzlary bilen aýdan bu sözleri, öňki geçen kapyrlaryň sözlerine meňzeýär. Allah olary öldürsün. Nädip (hakdan batyla) öwrülýärler.”** [13]

Bir kişi iň kiçijek zatda Allahy mahlukata ýa-da mahlukaty Allaha meňzetse şeksiz-şübhesiz kapyr bolýar. Ýehudy we Hristianlar ýaly Isa Allahyň ogly Allah bolsa ata diýip durmagyň ýere-göge sygmajak kapyrlykdygyna şek-şübhe ýokdur.

Hut şu azgynlyklary üçin Allah Tagala Kuran-Kerimde Hristianlaryň kapyr bolandyklaryny habar berýär:

لَّقَدْ كَفَرَ الَّذِينَ قَآلُواْ إِنَّ اللهَ هُوَ الْمَسِيحُ ابْنُ مَرْيَمَ

“**Allah Merýemiň ogly Isadyr diýenler kapyr boldy.”** [14]

لَّقَدْ كَفَرَ الَّذِينَ قَالُواْ إِنَّ اللهَ ثَالِثُ ثَلاَثَةٍ

“**Allah üçiň biridir diýenler kapyr boldy.”** [15]

Ýagny Allah üçdir: Ata, ogul we mukaddes ruh diýýän hristianlar kapyrdyr.

Ýokardaky aýatlardan görüşimiz ýaly Kuran-Kerimde Allah Tagalaň özi olaryň kapyrdygyny habar berýär.

Ýehudy we Hristianlaryň kapyrlygyny görkezýän başga bir zat bolsa, olaryň Kuran-Kerime we iň soňky Pygamber bolan Muhammet (sallallahu aleýhi we selleme) iman etmezlikleridir. Kimde kim Kuran-Kerimiň bir harpyna ynanmasa kapyrdyr. Çünki Kuranyň bir harpyna ýalan diýen kişi Allah Tagalanyň şu aýatda habar beren sözüne ýalan diýen kişidir.

إِنَّا نَحْنُ نَزَّلْنَا الذِّكْرَ وَإِنَّا لَهُ لَحَافِظُونَ

“**Biz Kurany indirdik we biz hem ony gorajakdyrys.”** [16]

Muhammet (sallallahu aleýhi we selleme) we Onuň getiren kitabyna Kuran-Kerime iman etmezlik, Allah Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) diýip Pygamber we Kuran diýip kitap ugratmady diýmekdir.

Yslamda imanyň alty şerti bardyr. Imanyň alty şertiniň birine ynanmaýan ýa-da müňkürlik eden kişi kapyrdyr.

Allah Tagala bu barada şeýle diýýär:

إِنَّ الَّذِينَ يَكْفُرُونَ بِاللهِ وَرُسُلِهِ وَيُرِيدُونَ أَن يُفَرِّقُواْ بَيْنَ اللهِ وَرُسُلِهِ وَيقُولُونَ نُؤْمِنُ بِبَعْضٍ وَنَكْفُرُ بِبَعْضٍ وَيُرِيدُونَ أَن يَتَّخِذُواْ بَيْنَ ذَلِكَ سَبِيلاً

“**Allah we Resulyna iman etmeýänler, Allah we Resulyny biri-birinden aýyrmak isleýärler w şeýle diýýärler: Biz käbirine iman edýäris we käbirlerine iman etmeýäris. We şeýdip olaryň arasynda bir ýolda bolmak**

**isleýärler. "** [17]

Allah Tagala aýatyň soňunda Pygamberleriň birini kabul edip beýlekisini kabul etmeýänleriň hakyky kapyrdygyny nygtap şeýle diýýär:

أُوْلَئِكَ هُمُ الْكَافِرُونَ حَقًّا وَأَعْتَدْنَا لِلْكَافِرِينَ عَذَابًا مُّهِينًا

**"Ine olar hakyky kapyrlardyr. Biz olar üçin peseldiji azap taýynladyk."** [18]

Ähli bu aýdylanlardan soňra, Hristianlaryň we Ýehudylaryň Kuran-Kerimiň aýaty bilen kapyrdyklary aýan bolýar. Kimde-kim Hristian we ýehudynyň kapyrdygyna şübhelense Kuran-Kerimde Allah Tagalanyň olar barada, kapyr diýen aýaty barada şübhelendigi bolar. Allah Tagalanyň aýatlary barada şübhe düşen kişi bolsa, kapyrdyr. Çünki Allahyň Kuran-Kerimde her habar beren sözi we harpy hakdyr we şeksiz-şübhesiz ony kabul etmek her musulmana parzdyr.

Köp kişiniň kellesindäki başga bir şübhe bar, ol hem: Hristian we Ýehudylar Allaha ýagny bir ýaradyja ynanýar, bir ýaradyja ynanan kişi kapyr bolup bilermi ýa-da iru-giç olaryň bir ýaradyja bolan imanlary olara peýda berermi diýen ýalňyş düşünjedir.

InşaAllah bu şübhäde peýdaly jogap bermäge çalyşalyň.

Bir kişiniň jenneti gazanmagy üçin, mümin-musulman bolmagy üçin bir ýaradyjyň barlgyna ynanmagy oňa hiç hili peýdasy ýokdur. Allahyň ähli zady ýaradandygyna, dünýäni dolandyryp duranlygyna ynanmak musulman bolmak üçin we jennete girmek üçin ýeterli däldir. Megerem haçanda Allaha, Allahyň buýruşy ýaly iman edip, boýun bolanyňda musulman bolup jenneti hak edýärsiň.

Bir kişi Allahyň ýaradyjylygyna ynansa soňra gidip ölülere, butlara, ynansa, agaja-daşa çokunsa, olara ybadat etse, Allaha şärik goşanlygy üçin müşrük-kapyr bolýar. Oňa Allahyň ýaradyjylygyna bolan imany hiç bir peýda bermeýär we bu kişileriň ebedi jähennemi boljagyny, olara jennetiň haramdygyny Allah Tagala habar berýär.

Mysal üçin Mekke butparazlary Allaha ynanýardylar. Hawa edil şol Mşürükler Pygamberimize garşy söweşen, Kurany inkär eden Mekke müşrükleri bir ýaradyja we Onuň älem-jahany dolandyryp duranyny, ryzyk berip duranyny kabul edýärdiler. We Pygamberimiz bilen bu barada asla dawa etmeýärdiler. Hatda olar Allahada ybadat edýärdiler. Haj edýärdiler. Emma olaryň Allaha bolan bu ynaçlary, ybadatlary olara hiç bir peýda bermedi we olary kapyr bolmakdan halas etmedi. Çünki olar butlara ybadat edip, olar Allah bilen biziň aramyzdaky araçylar we bizi Allaha ýakynlaşdyrýan wesileler diýip, butlary Allaha şärik goşýardylar. Olar butlara ýaradyjy, Rob diýmeýärdiler, megerem olar biz bilen Allahyň arasyndaky wesileler, araçylar diýýärdiler. Hut şonuň üçin hem olar müşrük-kapyr boldular we Pygamberimiz olar bilen söweşdi.

Allah Tagala müşrükleriň Allaha ynanýandygy barada şeýle habar berýär:

وَلَئِن سَأَلْتَهُم مَّنْ خَلَقَ السَّمَاوَاتِ وَالْأَرْضَ لَيَقُولُنَّ خَلَقَهُنَّ الْعَزِيزُ الْعَلِيمُ

**"Eger olardan: Gökleri we ýeri kim ýaratdy diýip, sorasaň, olar göni: Aziz we Alim bolan Allah ýaratdy diýerler. "** [19]

قُلْ مَن يَرْزُقُكُم مِّنَ السَّمَاء وَالأَرْضِ أَمَّن يَمْلِكُ السَّمْعَ والأَبْصَارَ وَمَن يُخْرِجُ الْحَيَّ مِنَ الْمَيِّتِ وَيُخْرِجُ الْمَيَّتَ مِنَ الْحَيِّ وَمَن يُدَبِّرُ الأَمْرَ فَسَيَقُولُونَ اللّهُ فَقُلْ أَفَلاَ تَتَّقُونَ

**"Olardan: Size gökden we ýerden ryzyk berýän kim? Gulaklaryňyza we gözleriňize eýe bolup duran kim? Ölüden dirini, diriden ölüni çykarýan kim? (Ähli zady) dolandyryp duran kim diýip sorasaňyz? Olar göni Allah diýerler. Olara aýt: Gorkup, çekinmeýärsiňizmi."** [20]

Müşrükleriň bir ýaradyja bolan ynaçlary özlerine hiç hili peýda bermedi, olar ebedi dowzahylardan boldular.

Başga bir mysal bolsa şeýtandyr. Şeýtan Allahyň ähli zady ýaradanlygyna iman edýärdi, şeýtan jennet-dowazaha iman edýärdi. Şeýtan ahyrýet gününede sorag-jogap boljagynada iman edýärdi. Hatda şeýtan Allahdan gorkýardy. Emma bularyň hiç biri Şeýtanyň musulman bolup, jennete girmegine kömek bermedi. Şeýtan Allahyň diýenini etmedigi üçin kapyr we ebedi jähennemi boldy.

Bu aýdanlarymyzyň Kuran-Kerimden ýeke-ýeke subutnamasyna seredeliň:

Şeýtanyň Allahdan gorkýanlygynyň delili:

كَمَثَلِ الشَّيْطَانِ إِذْ قَالَ لِلْإِنسَانِ اكْفُرْ فَلَمَّا كَفَرَ قَالَ إِنِّي بَرِيءٌ مِّنكَ إِنِّي أَخَافُ اللَّهَ رَبَّ الْعَالَمِينَ

**“Şeýtanyň mysaly ýaly, Şeýtan ynsan ogluna: Kapyr bol diýdi. Haçanda ynsan ogly kapyr bolanda bolsa, şeýtan oňa: Men senden uzakdyryn, men älemleriň Robbi bolan Allahdan gorkýaryn,diýdi.”** [21]

Şeýtanyň Allaha ynanjy: قَالَ مَا مَنَعَكَ أَلاَّ تَسْجُدَ إِذْ أَمَرْتُكَ قَالَ أَنَاْ خَيْرٌ مِّنْهُ خَلَقْتَنِي مِن نَّارٍ وَخَلَقْتَهُ مِن طِينٍ

**“Saňa buýruk berenimizde, seni sežde etmekden alyp goýan nämedi? Şeýtan aýtdy: Meni ataşdan we ony bolsa, palçykdan ýaratdyň diýdi.”** [22]

Şeýtanyň ahyrýede ynanmagy:

قَالَ رَبِّ فَأَنظِرْنِي إِلَى يَوْمِ يُبْعَثُونَ

**“Şeýtan Allaha şeýle diýip dileg etdi: “Robbum maňa ynsanlary täzeden direldýän gününe çenli möhlet ber.”** [23]

Emma bütin bu ynançlaryna garamazdan, Allah Tagala şeýtana kapyr diýdi we jennetden kowdy we ol ebedi jähennemilerden boldy.

Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýtanyň kapyr bolanlygyny habar berip şeýle diýýär:

وَإِذْ قُلْنَا لِلْمَلاَئِكَةِ اسْجُدُواْ لآدَمَ فَسَجَدُواْ إِلاَّ إِبْلِيسَ أَبَى وَاسْتَكْبَرَ وَكَانَ مِنَ الْكَافِرِينَ

**“Haçanda biz perişdelere adama sežde ediň diýenimizde, Iblisden başga ählisi sežde etdiler. Iblis tekepbirlendi we kapyrlardan boldy.”** [24]

Ähli bu aýdanlarymyzdan soňra Ýehudy, Hristianlaryň bir dälde birnäçe tarapdan kapyrlyga düşendikleri aýan bolýar. Allaha çaga ýöňkemek, Allahy mahlukata meňzetmek, Pygamberimizi, Kurany-Kerimi we hak dini Yslamy kabul etmezlik Isa pygamberi, Merýem enemizi, Uzeýri Allaha araçy edip şärik goşmak we Maide süresindäki olaryň kapyrdygy beýan edýän aýat kerimeler, bularyň hemmesi bu iki toparyň we yslamy kabul etmeýänleriň kapyrdygyna hiç hili şek-şübhe goýmaýar.

Kapyrlara bolsa jennet ebedi haram we olaryň girjek ýeri dowzahdyr. Bu barada Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýilýär:

إِنَّ الَّذِينَ كَذَّبُواْ بِآيَاتِنَا وَاسْتَكْبَرُواْ عَنْهَا لاَ تُفَتَّحُ لَهُمْ أَبْوَابُ السَّمَاء وَلاَ يَدْخُلُونَ الْجَنَّةَ حَتَّى يَلِجَ الْجَمَلُ فِي سَمِّ الْخِيَاطِ وَكَذَلِكَ نَجْزِي الْمُجْرِمِينَ

**“Biziň aýatlarymyzy inkär edenlere we haka garşy tekepbirlenenlere: Gögüň gapylary açylmaz we tä düýe iňňäň gözünden geçýänçä olar jennete girmezler. Günäkärleri şeýdip jezalandyrarys.”** [25]

Allah Tagala düýäň iňňäň gözünden geçmegi mümkin bolmaýyşy ýaly kapyryňam jennete girmeginiň mümkin däldigi habar berýär.

Başga aýatda Allah Tagala şeýle diýýär:

إِنَّ الَّذِينَ كَفَرُوا مِنْ أَهْلِ الْكِتَابِ وَالْمُشْرِكِينَ فِي نَارِ جَهَنَّمَ خَالِدِينَ فِيهَا أُوْلَئِكَ هُمْ شَرُّ الْبَرِيَّةِ

**“Ähli-kitapdan we müşrüklerden inkär edenler dowzah ataşyndadyrlar we ol ýerde ebedi galjakdyrlar. Ýaradylanlaryň iň şerlisi olardyr.”** [26]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sahyh hadysda şeýle diýýär:

وقال النبي - صلى الله عليه وسلم - :والذي نفسي بيده لا يسمع بي أحد من هذه الأمة يهودي ولانصراني ثم يموت ولم يؤمن بالذي أرسلت به إلا كان من أصحاب النار.رواه مسلم

**“Janym elinde bolana kasam edýärin. Bu ymmatdan (halkdan) ýehudy bolsun, hristian bolsun (tapawudy ýok), meni eşidip, soňra maňa iman etmän ölenler, diňe dowzahylardan bolarlar.”** [27]

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Yunus 10/72.

2-Bakara 2/128.

3-Bakara 2/132.

4-Bakara 2/133.

5-Ýunus 10/84.

6-Alim-Imran 3/52.

7-Alim-imran 3/19)

8-Alim Imran 3/85.

9-Nahl 16/36.

10-Agraf 7/85.

11-Maida 5/116.

12-Maide5/117.

13-Toba 9/30.

14-Maide 5/17.

15-Maide 5/73.

16-Hijr 15/9.

17-Nisa 4/150.

18-Nisa 4/15.

19-Zuhruf 43/9.

20-Ýunus 10/31.

21-Haşr 59/16.

22-Agraf 7/12.

23-Sod 38/79.

24-Bakara 2/34.

25-Agraf 7/40.

26-Beýýine 98/6.

27-Sahyh Muslim.